# Oýnadyp ýeserje gara gözleriñ…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Oýnadyp ýeserje gara gözleriñ… *Dostum, atdaşym Gurbannazar Nepesow iş üstünde tragiki ýagdaýda aradan çykdy.*

Oýnadyp ýeserje gara gözleriñ,
Meñ ýanyma geleniñde her gezek,
Ýazyp oturanmy görüp, diýerdiñ:
»Men azar bermäýin, işlemek gerek!»

Ol gezegem şeýdip, çykdyñ-da gitdiñ,
Birküç sany wäşi sözüni oklap.
Indem uzaklarda ümsüm ýatyrsyñ,
Bütindünýä Ümsümligin gujaklap.

Eýýäm şu gün ýigitlerñi sanasañ,
Otuz ýaş asyr deý uzak görünýä.
Paýhaslanýas, hyjuwlarmyz köşeşýär,
Biz ýitirip düşünýäris bu dünýä.

Seniñ baryp ýeten uzak ülkäñe
Otlular gatnanok, maşyn baranok.
Bu gün sen barada goşgy ýazýaryn,
Senem gelip, maña azar bereñok.

Bu gün iñrik çöküp dagyñ üstüne,
Gije göge seçeninde pişmesin,
Sen-ä gelip maña azar bersediñ,
Menem şu goşgymy ýazman geçsedim.

Gurbannazar EZIZOW. Goşgular